# Mentalitetiň we mentallygyň özara baglanyşygy

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Nukdaýnazar,Oýlanmalar,Psihologiýa
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mentalitetiň we mentallygyň özara baglanyşygy MENTALITETIŇ WE MENTALLYGYŇ ÖZARA BAGLANYŞYGY

Mentalitetiň we mentallygyň özara baglanyşygyna doly düşünmek üçin ilkinji nobatda, şahsyýetiň (indiwidiumyň) we jemgyýetiň (sosiumyň) mazmunyna hem-de olaryň özara baglanyşygyna düşünmek zerur bolup durýar. “Şahsyýet” we “jemgyýet” diýen düşünjeleriň mazmunyny filosofiýa, sosiologiýa, taryh, psihologiýa, ykdysadyýet, hukuk ýaly dürli ylymlar kesgitleýärler.
Ýöne bu iki düşünjäniň mazmunyny has anyk hem gysgaça beýan etmek üçin, olary esasan hukuk ylmynyň nukdaýnazaryndan seljermek maksadalaýyk bolar. Sebäbi hukuk ylmy öz tebigatyna laýyklykda, belli bir düşünjelere definisiýa bermek meselesine matematiki takyklyk bilen çemeleşmäge ýykgyn edýär.
Görkezilen düşünjeleriň anyklygy bolsa bu ylmy işiň temasynyň belli bir derejede doly seljerilmeginiň hem öňde goýlan soraglar boýunça anyk netijeler çykarylmagynyň esasy şertidir.
Mälim bolşy ýaly, şahsyýet – bu, oňa erkin, jemgyýet tarapyndan ykrar edilen we goralýan hukuk ýagdaýyny (statusyny), onuň jemgyýetdäki ýörite, özbaşdak ornuny üpjün ediji hukuklaryň, azatlyklaryň we borçlaryň toplumyna eýelik edýän adamdyr.
Şahsyýet jemgyýetde hemişe özbaşdak we gaýtalap bolmajak derejede beýleki şahsyýetlerden üýtgeşik bolýar. Şahsyýetiň jemgyýetde esasan üç sany hukuk ýagdaýynyň bardygyny bellemek gerek:

• adam – diri, paýhasly, psihofiziki jandar bolup, ol tebigatyň önümidir;

• raýat – onuň döwlet, syýasat, häkimiýet we kanun bilen özara gatnaşygynda alnanda, ol şahsy (subýektiw) hukuklaryň we ýuridik borçlaryň eýesi bolan şahsdyr;

• şahsyýet – anyk sosial toparyň, synpyň agzasy hökmünde, sosial ýaşaýşyň haýsydyr bir çygryna gatnaşýan we jemgyýetde ýörite statusa eýe bolan adamdyr.

“Adam”, “raýat”, “şahsyýet” diýen düşünjeler bir bütewiligiň – aýratyn bir şahsyýetiň dürli röwüşlerini (aspektlerini) beýan etmek we häsiýetlendirmek bilen, biri-biri bilen ýakyn aragatnaşykda durup, biri-biriniň üstüni dolduryarlar. Tebigatyň önümi hökmünde, anyk bir adam dünýä inende, diňe şahsyýetiň maddy, biologik galyby bolup dogulýar.
Durmuşy aragatnaşyklaryň ulgamyna goşulyp, birnäçe bilimleri edinmek bilen ol, jemgyýetiň täsiriniň astynda şahsyýete öwrülýär. Adam şahsyýet bolup dogulmaýar, ol şahsyýet hökmünde emele gelýär. Her bir adam (indiwid) hem şahsyýet hökmünde çykyş edip bilmeýär. Mysal üçin, kiçi ýaşly çaga ýa-da ruhy taýdan näsag adam şahsyýet däl.
Diýmek, adamyň şahsyýetdigininiň ýa-da däldigininiň esasy alamaty onuň paýhasynyň bardygy ýa-da ýokdugy bolup durýar. Unsur Al-Mealy Keý-Kowus ynsan kalbynyň bäş sany ýaşyryn (göze görünmeýän) häsiýetininiň bardygyny belleýär. Olar pikirlenmek, huş, hyýal, seljermek we gürlemek (ýagny, pikiriňi söz bilen beýan etmek) [Unsur-al-Mealy Keý-Kowus. Kowusnama. Aşgabat: Türkmenistan, 1992. S.28.].
Aň (oýlanyş ukyby) her bir adamda bolýar. Sebäbi üç ýaşly çaga-da ajygsa çörek iýmelidigi, öýe girmelidigi, bir ýeri agyrsa ejesine ýüz tutmalydygy barada oýlanýar, ejesiniň we beýleki ýakynlarynyň ýüz-keşplerini, özüne aýdýan gep-gürrüňlerini ýadynda saklaýar, öz isleýän süýji nygmatyny almagy ýa-da şadyýan oýun oýnalýan ýere gitmegi arzuw edýär, özüniň hem-de beýlekileriň hereketlerini seljerýär, öz pikirlerini söz ýa-da hereket bilen beýan edýär. Emma onda paýhas welin ýok.
Eýsem Paýhas näme?

Belli bolşy ýaly, Paýhasyň (lat. logoV, ratio) Aň bilen gatnaşygyna baglylykda pikirlenmek işiniň ýörite görnüşidiginden başga-da, “Paýhas” diýlende, has giň manyda, diňe şol wagt, şol pursat bolup geçýän bir ýagdaý barada gönüden-göni oýlanmak bilen meşgullanýan beýleki janly-jandarlardan tapawutlylykda, adamyň ruhy durmuşy üçin örän wajyp bolan ählumumy zatlar barada pikirlenmeklige we olara akyl ýetirmeklige bolan ukybyna-da düşünilýär.
Dürli zatlar baradaky oýlanmalary abstraktlaşdyrmaklyga [lat. Abstractio – hyýaly, başgaça] we umumylaşdyrmaklyga bolan şeýle ukyp, özünde aňy hem jemleýär.
Megerem şol sebäplidir, käbir dillerde, mysal üçin: fransuz dilinde, Paýhas bilen Aňyň (raison – raisonnement) arasynda düýpli aratapawut goýulmaýar. Ýönekeý aýdylanda, Paýhas – şahsyýetiň akyl zähmetiniň ahyrky netijesi hem iň kämil görnüşi.
Adam görmegiň, eşitmegiň, ys almagyň, tagamyny duýmagyň we syzmagyň üsti bilen toplanan maglumatlary oýlanmagyň, seljermegiň, hakydasynda jemlemegiň hem-de şol netijeleri öz hyýalynyň kömeginden peýdalanyp has ösdürmegiň üsti bilen özüniň paýhasyny emele getirýär. Paýhasyň özenini bolsa mentallyk düzýär.
Çünki ýokarda bellenip geçilişi ýaly, mentallyk (mentalitet) = pikirlenmek. Mentallyk – bu pikirlenmegiň usuly, şahsyýetiň dünýägaraýşy, onuň öz aňly-düşünjeli ömrüniň dowamynda özi üçin durmuşy ynançlar hem-de hemişelik ýörelgeler hökmünde kesgitlän nusgalyk garaýyşlarynyň jemi.
Paýhas bolsa şol garaýyşlaryň ýasalan, ýasalýan we ýasaljak ussahanasy hem-de saklanýan we zerurlyk ýüze çykanda ulanmaga berilýän ammary.
Maddy dünýäde, adamlaryň ählisiniň ygtyýarlygynda, olaryň daş-töweregini gurşaýan äleme akyl ýetirmekleri we onuň giňişliginde dünýä hem-de beýleki adamlar babatda özlerini nähili alyp barmalydyklaryny kesgitlemekleri üçin, birmeňzeş bäş sany hemmelere mälim serişdeler – görmek, eşitmek, syzmak, ys almak, tagam duýmak, şonuň ýaly-da aňastyaň (подсознание), intuisiýa [Lat. Intueor-dykgat bilen seredýärin] ýaly heniz

adamzat tarapyndan doly göz ýetirilmedik käbir nämälim serişdeler bar. Şol serişdeleriň kömegi bilen alnan maglumatlary gaýtadan işlemek üçin berlen beýni we oýlanyş ukyby-da ähli adamlarda diýen ýaly birmeňzeş.
Emma maddy dünýäniň genler, maşgala terbiýesi, gurşaýan jemgyýetiniň täsiri, alan bilimi, dini ynançlary ýaly gaýry täsirleriniň netijesinde her bir şahsyýetiň ýaşaýan jemgyýetine baglylykda özboluşly, beýleki jemgyýetiň özüne meňzeş wekiliniňkä çalym etmeýän mentallygy döreýär.
Mysal üçin, biziň jemgyýetimizde, käbir ýagdaýlarda uzak ýol söküp, ýakyn garyndaşlykdaky ýa-da dostluk gatnaşygyndaky hassany soramaga gitmek, ol hassahana ýerleşdirilen halatynda, peýdasy degmese-de hassahananyň daşynda ony “saklamak” her bir garyndaşyň ynsançylyk borjy diýlip hasaplanýar, türkmen halkynda bu umumy ykrar edilen ahlak kadasy, dessur we halkyň mentaliletiniň anyk ýüze çykmalarynyň biri bolup durýar.
Ýewropa ýurtlarynda bolsa käbir ýagdaýlarda bolmasa, galan ähli halatlarda, telefon, internet, ulag aragatnaşygynyň juda ösen häzirki zamanynda, habar gelenden soňra gysga wagtda hassahana baryp ýetişip bolýan döwürde, beýle herekete manysyz we bikär wagt geçirmek hökmünde garalýar. Sebäbi iki jemgyýetiň hem wekiliniň mentallygy şeýle, olaryň ikisi-de şol bir ýagdaýa birmeňzeş garap bilmeýärler.
Mälim bolşy ýaly, jemgyýet diýlende, ilkinji nobatda, bir ýurduň ilatyna, onuň taryhy kökleriň, bähbitleriň we zerurlyklaryň, islegleriň, ynançlaryň, özüňi alyp baryş we ruhy aýratynlyklaryň birligi ýa-da düýpli kybapdaşlygy zerarly bir bütewiligi emele getiren raýatlarynyň jemine düşünilýär.
Has anyk aýdylanda, jemgyýet – bu erk-ygtyýarlary hem aň-düşünjeleri bolan, bir ýurduň çäginde ýaşaýan we ykdysady, ruhy hem-de durmuşy guramagyň bütewiliginiň belli bir derejesi bilen baglanyşdyrylan adamlaryň umumylygydyr. Jemgyýet – bu bir ýurduň çäginde hereket edýän we tutuş ilaty özünde jemleýän ýörite ulgamdyr hem-de özboluşly sosial gurluşdyr (organizmdir).
Şahsyýetleriň (adamlaryň) ynsan jemgyýetine birleşmegi, esasan, olaryň umumy bähbitleriniň barlygy sebäpli amala

aşýar. Ýöne beýle diýildigi, jemgyýetleriň ählisinde bähbitleriň sazlaşygynyň we birliginiň agalyk edýändigini aňlatmaýar. Sebäbi jemgyýetde diňe birmeňzeş bähbitler däl-de biri-birine gapma-garşy bähbitler hem, köplenç halatda bolsa, şahsy bähbit bilen umumy bähbidiň çapraz gelýän ýagdaýlary-da bolup biler.

Jemgyýetiň guramaçylygynyň derejesi onuň agzalarynyň umumy we şahsy bähbitleriniň sazlaşykly utgaşdyrylyşyna bagly bolup durýar. Jemgyýetdäki umumy bähbitler ony emele getirýän şahsyýetleriň özara hyzmatdaşlygynyň netijesinde amala aşyrylýar. Ýöne şu ýerde bellemeli zat, umumy bähbitler (gyzyklanmalar) bilen birleşdirilen adamlaryň hemme toparlary jemgyýet bolup bilmeýär. Mysal üçin, kinoteatrda ýa-da aýdym-sazly dabarada tomaşaçylary umumy gyzyklanma birleşdirýär, ýöne olar jemgyýet däl.

Jemgyýetde şahsyýetleriň diňe bir umumy bähbitleri däl-de, eýsem biri-birine-de gyzyklanmalary bolmaly, şol gyzyklanma-da diňe olar şol ugra bilelikde sazlaşykly hem utgaşykly ýykgyn edenlerinde, olaryň bütewilikdäki umumy we her haýsynyň aýratynlykdaky şahsy maksadyna ýetmegine mümkinçilik bermeli. Ýöne muňa garamazdan, bähbitleriň we gyzyklanmalaryň umumylygynyň binýadynda hereket edýän adamlaryň hem her bir umumylygy jemgyýeti emele getirip bilmeýär. Mysal üçin, gysga möhletli okuw sapaklarynyň diňleýjileri sapaklar tamamlanandan soňra öýli-öýüne gaýdarlar, işçileriň topary bellenilen işler ýerine ýetirilenden soň giderler we ş.m.

Jemgyýetde adamlar hemişelik we umumy (obýektiw) häsiýetli bähbitler bilen özara baglanyşykly bolýarlar. Şeýle jemgyýetçilik baglanyşyklylyklary-da adamlaryň birleşiginiň kadaly hereket etmegini, onuň göwrüminiň giňemegini we öz-özüni kämilleşdirmegini üpjün edýär.

Şonuň ýaly-da jemgyýet üçin adamyň özüni alyp barmagynyň çäklerini tutuş jemgyýetiň bähbidinden ugur alyp kesgitlemek ýaly guramaçylyk şertiniň bolmagy-da mahsusdyr. Bu wezipäni jemgyýetiň özi degişli kadalaryň dürli görnüşlerini döretmek we olaryň şahsyýetleriň hemmesi tarapyndan berjaý edilmegini üpjün etmek arkaly amala aşyrýar. Ol kadalara “sosial kadalar”

diýilýär.
Sosial kadalar – bu adamlaryň jemgyýetde özüni alyp baryşlaryny düzgünleşdirýän, olaryň bähbitlerini we gyzyklanmalaryny aňladýan, umumy häsiýetdäki düzgünlerdir.
Sosial kadalaryň ahlak kadalary, däp-dessurlar, edim-gylymlar, syýasy düzgünler, hukuk kadalary we ş.m. görnüşleri bar. Ähli sosial kadalar, olaryň tutuş jemi we özara arabaglanyşygy boýunça adamlaryň umumy ýaşaýşynyň düzgünleri diýlip atlandyrylýar.
Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny sosial taýdan düzgünleşdirijileriň umumy alamatlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

• ol özüňi alyp baryş kadalary umumy häsiýetli bolup, olaryň berjaý edilmegi döwletiň ýa-da belli bir toparyň mejbur ediş güýji bilen üpjün edilýär;

• olaryň ählisi jemgyýetiň durmuş taýdan guralaşynyň häsiýetine we ýeten medeni ösüş derejesine laýyk gelýär;

• olar jemgyýetiň döremeginiň we kämilleşmeginiň dowamynda emele gelýärler;

• olar jemgyýetde amala aşyrylýan hereketleriň wagtyna, ýerine, şertlerine we ýagdaýlaryna bagly bolýar;

• olar mümkin we hökmany bolan özüňi alyp baryşyň çäklerini kesgitleýärler, jemgyýetde oňlanylýan özüňi alyp barşyň ölçeglerini we çelgilerini (oriýentirlerini) [lat. Oriens – gündogar, ýörelip barýan ýa-da seredilýän ugry kesgitlemek üçin ugur alynýan çelgi, bellik] belleýärler, şol bir wagtda-da şeýle özüňi alyp barşyň üstünden gözegçilik edýärler;

• olar kesgitlenmedik uzak wagtyň dowamynda hereket etmek bilen olar, subýektleriň giň köpçüligine täsir edýärler we çäklendirilmedik möçberde durmuşa geçirilmäge niýetlenýärler;

• olar jemgyýetde gatnaşyklaryň tertipliligini we guramaçylygyny üpjün etmäge gönükdirilýärler, olaryň käbirleri

bolsa (mysal üçin tehniki-hukuk kadalary), adamlaryň ýaşaýşynyň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün edýärler [Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011. S.190].

Şeýlelikde “jemgyýet” diýen düşünje şu esasy düzüm bölеklerini öz içine alýar:

• erk-ygtyýarly we aň-düşünjeli şahsyýetleriň umumy jeminiň bolmagy;

• hemişelik we umumy (obýektiw) häsiýetli umumy bähbidiň (gyzyklanmanyň) bolmagy;

• umumy bähbitleriň esasynda özara hyzmatdaşlyk etmegiň bolmagy;

• jemgyýetçilik bähbitleriniň hemmeler üçin hökmany bolan özüňi alyp baryş düzgünleri bilen düzgünleşdirilmegi;

• jemgyýetde içerki düzgün-tertibi we daşarky howpsuzlygy üpjün etmäge ukyply bolan guramaçylykly güýjüň (häkimiýetiň) bolmagy;

• öz-özüniň durkuny täzelemäge we kämilleşmäge ukybyň hem-de hakykat ýüzündäki mümkinçilikleriň bolmagy we ş.m.

Häzirki döwürde jemgyýetleri ösen we ösmedik görnüşlere bölýärler.
Ösen jemgyýetlere demokratiýa gatnaşyklary we institutlary doly emele gelen hem-de birsyhly we yzygiderli kämilleşdirilýän jemgyýetler (mysal üçin, häzirki zaman ýewropa we demirgazyk amerikan döwletleriniň jemgyýetleri we ş.m.), ösmedik jemgyýetlere demokratiýa gatnaşyklary we institutlary heniz emele gelmek prosessini başyndan geçirýän jemgyýetler (mysal üçin, özbaşdak ösüş ýoluna golaýda gadam basan ýurtlaryň jemgyýetleri) degişli edilýär.
Şonuň ýaly-da häzirki zaman jemgyýeti öwreniş ylmy, jemgyýetleriň feodal, kapitalistik, sosialistik, yzagalak,

öndebaryjy, çuňňur aňyýetleşdirilen (ideologiýalaşdyrylan), dini, dünýewi we ş.m. görnüşleriniň bardygyny kesgitleýär.
Ýöne, edil şahsyýetiň mazmunynyň özeni paýhas, paýhasyň özeni bolsa mentallyk bolşy ýaly, jemgyýetiň özenini hem mentalitet emele getirýär. Mentalitet bu jemgyýetiň paýhasy. Ol hem şahsyýetleriň mentallyklarynyň jeminden emele gelýär.
Emma beýle diýildigi, jemgyýetiň agzalarynyň aglaba köpüsiniň mentallyklary nähili bolsa tutuş jemgyýetiň mentaliteti hem şol görnüşde bolýar diýilmegini aňlatmaýar.
Jemgyýetiň mentalitetiniň ösüşiniň we üýtgeýşiniň öz kanunalaýyklyklary bolup, edil şahsyýetleriň mentallyklarynyň jemgyýetiň mentalitetine täsir edişi ýaly, ol hem şahsyýetleriň mentallyklaryna juda uly täsir edýändir.
Mysal üçin, gündogar jemgyýetlerinde-de günbatar jemgyýetlerinde-de her bir şahsyýete özbaşdaklyga, has giň mümkinçiliklere eýe bolmaklyga ýykgyn etmek mahsus, emma günbatar jemgyýetleriniň mentaliteti döwleti dolandyrmagyň parlamentarizm görnüşini ykrar edýär, gündogar jemgyýetleriniň mentalitetinde bolsa esasan prezident dolandyryşy has gyzgyn goldaw tapýar.
Bellenip geçilişi ýaly, mentalitet – bu jemgyýetiň taryhy ösüşiniň dowamynda ony emele getirýän sosial umumylyklaryň (jemgyýetçilik toparlarynyň) we şahsyýetleriň dünýägaraýyşlarynyň sazlaşykly sepleşen bir bütewi ulgamydyr.
Bu ulgam jemgyýetçilik aň ýetirişiniň we köpçülikleýin akyl ýetirilmän amala aşyrylýan hereketleriň binýatlaýyn pikirleriniň birligine esaslanyp, olaryň birek-birege jebis arabaglanyşykly hereket etmekleriniň dürli görnüşleriniň esasynda emele gelýär hem-de görkezilen sosial umumylyklaryň (jemgyýetçilik toparlarynyň) we şahsyýetleriň dünýä barada pikirlenmekleriniň hem-de hereket etmekleriniň diňe özlerine mahsus bolan aýratynlyklarynda ýüze çykýar.
Mentallyk bolsa – bu, ynsan aň ýetirişiniň we aň ýetirişden daşarky hereketleriniň özünde mentalitetiň, jemgyýetçilik aňynyň, köpçülikleýin aň ýetirişden daşarky hereketleriň çygryndan alnan ýa-da adamyň özi tarapyndan döredilen we onuň sosiuma, ol ýa-da beýleki taryhy eýýama degişliligini

kesgitleýän nusgalyk akyl şekillerini saklamaga bolan ukybynyň binýadynda düzülen (döredilen) şahsy dünýägaraýşyň, pikirlenmek usullarynyň ulgamydyr.
Başgaça aýdylanda, mentallyk – bu adamyň şahsy mentalitetidir, şahsyýetiň mentalitetidir. Mentalitet we mentallyk biri-biri bilen umumylygyň hem birligiň jübüt dialektiki düşünjeleriniň özara baglanyşyklydygynyň ýörelgesi boýunça baglanyşýarlar we ýeke-täk mental bütewiligiň iki tarapyny aňladýarlar.
Mentalitet birnäçe düzüm böleklerinden ybarat bolan ulgamdyr. Onuň düzüm bölekleri şahsyýetiň we (ýa-da) jemgyýetiň emele gelmeginiň hem-de ösüşiniň dürli tapgyrlarynda edinen nusgalyk garaýyşlarydyr.
Şol nusgalyk garaýyşlar şahsyýetiň gen aýratynlyklarynyň, maşgalada alan terbiýesiniň, onuň ýaşaýan jemgyýetindäki däp-dessurlaryň, dini ýörelgeleriň, daş-töweregini gurşaýan gurşawyň, maglumat alyş-beriş ulgamynyň we alýan biliminiň täsiri bilen emele gelýär.
Olaryň iň wajyplary hem esasylary şahsyýetiň we jemgyýetiň mentalitetiniň belli bir derejede “üýtgewsiz merkezini”, galanlary bolsa şol “üýtgewsiz merkeziň” daşynda köplenç üýtgemäge ukyply bolan “gorag zolagyny” emele getirýärler.
Mentalitet we mentallyk belli bir derejede uly wagt möhletiniň dowamynda üýtgewsiz hem durnukly ýagdaýda durýarlar, ýöne olar durmuşy-medeni öňegidişligiň dowamynda üýtgemäge hem ukyply.
Mentalitetiň we mentallygyň üýtgemegi diýlende bolsa, adamyň hem sosiumyň taryhy wagtda durmuşy we beden gurluşy taýdan emele gelmeginiň hem ösüşiniň dowamynda olaryň emele gelmeginiň we ösüşiniň esasy tapgyrlarynyň amala aşmagynyň prosessine düşünilýär.
Mentalitetiň we mentallygyň üýtgemegi olary emele getirýän nusgalyk garaýyşlaryň özgermegi bilen baglylykda bolup geçýär.
Jemgyýetiň, şahsyýetiň, paýhasyň, mentallygyň we mentalitetiň biri-biri bilen arabaglanyşygyny hem-de birek-birege edýän täsirini şu aşakdaky ýaly formulanyň kömegi bilen has gysga we düşnükli beýan etmek bolar:

Jemgyýet=şahsyýet+paýhas+mentallyk=mentalitet

$\Sigma = \eta + \pi + \delta = \mu$

Σ (sigma) – jemgyýet (sosium);

η (ita) – şahsyýet (indiwidium);

π (pi) – paýhas;

δ (delta) – mentallyk (dünýagaraýyş);

μ (mi) – mentalitet. Filosofiýa